# Satira-ýumor

Category: Degişmeler,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Satira-ýumor • **DEGIŞMELER**




Habarçy:
– Alýo! Salam. Men siziñ agzybir kollektiwiñiz barada makala ýazmakçy.
Magazin müdiri:
– Azara galmañ. Size gerek haryt bizde ýok.
* * *

– Kakasy, ukyñy haram edip, nämä dümtünip otyrsyñ?
– Roman ýazýan, keýwany.
– Onda men dañ agardygy, syçan tutulýan gapanyñ ugruna çykaýyn.

* * *

– Men-ä bir çykalga tapaýmasam, goşgularymy hiç ýerde çap edenoklar.
– Aýdymçy şahyrlaryň sany artar-ow.

* * *

– Size seredip doýup bilemok. Ýaňagyňyz nar, gözüňiz garaly, dodagyňyz pisse, alkymyňyz süýjän alma…
– Aý, ýigit, gök bazary indiki duralgada.

**• TÄZE NAKYLLAR**

– Iş bitirseň, direktor tanar.
– Az bolsun, uz bolsun.
– Aglasy gelen oglan atasynyň «Žigulisini» oýnar.
– Akylly är meýi söýmez, taksiçiler şaýy.
– Garga bagyň güli ýaramaz, magazinçä tereziň dili.

**• OL…**

üýşmeleňde dynman gürleýärdi. Oturanlar bolsa, dymyp, onuň sözlerini ýalana çykarýardylar.

* * *

geçmişine atanak çekdi. Şeýdibem, geljeginiň öňüne böwet basandygyny duýmady.

* * *

aýalyny, çagalaryny taşlap, bagtyň gözlegine çykdy.

* * *

balyk ýaly dymmagy, şeýdibem akmakdygyny ussatlyk bilen gizlemegi başarýardy.

**• ÇYKYŞLARDAN**:

Ýoldaşlar! Ýeriňize wagtlaýyn adam tapar ýaly, syrkawlajak günüňizi öňünden duýduraweriň!

(Mekdep direktory).

Şu aýda biziñ kinoteatrymyzda 600-e golaý adam oñat uklap, dynç aldy.
(Kinoteatryñ direktory).

Hormatly Syrkyn Saryýewiç! Işdeş ýoldaşlaryñyza uly ýagşylyk edýändigiñiz – wagtynda pensiýa gidýändigiñiz üçin, size çäksiz minnetdarlyk bildirýäris.
(Kärhana ýolbaşçysy).

• **EDEBIÝATA TÄZELIK GETIRMEK ÜÇIN HARS URÝAN KÄBIR AWTORLARA GOLLANMA**:

Gyzyñ gözleri käsä meñzeşdi. Olara togsan bäşlik çaýdan guýup hezil edip içesiñ gelýärdi.

Hamala diýersiñ, süýtli bidon alkaşyñ titreýän ellerinden gaçyp dökülýän ýaly, daglaryñ başy akdy.

Amanmyrat KIÇIGULOW.

«Sowet edebiýaty» žurnaly, 1987 ý. Degişmeler